# Türkmenistan we Germaniýa futbol ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşdylar

Türkmenistanyň Futbol Federasiýasynyň (TFF) we Germaniýanyň Futbol Bileleşiginiň (DFB) wekilleri 10-njy ýanwarda onlaýn duşuşyk geçirdiler. Taraplar çagalar we ýetginjekler futboly hem-de tälimçi bilimini ösdürmek boýunça hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Söhbetdeşler, Germaniýanyň futbolynyň öňdebaryjy tejribesini Türkmenistanda ornaşdyrmagyň geljekki mümkinçiliklerine aýratyn üns berdiler. Duşuşygyň netijesinde taraplar ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk meselelerini ara alyp maslahatlaşmagy dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

Çagalar we ýetginjekler futbolyny ösdürmek we tälimçi bilim ulgamyny kämilleşdirmek TFF-niň işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Все права защищены